# Bir tanşymyñ buşlaýan zady hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bir tanşymyñ buşlaýan zady hakda BIR TANŞYMYÑ BUŞLAÝAN ZADY HAKDA

Bir tanşym bar,
Her gün säher til edýär,
Ilki saglygymy soraýar irmän,
Soñra bolsa agy goşýar sesine:
«Eşitdiñmi?..
Eşden dälsiñ, wah, arman…»

Ýetişýär kalbyma uly howsala,
Meniñ ol tanşyma geregem şol-da!
Diýýär: «Ýüreginden tutupdyr onuñ,
Ýogsa, öler ýalam däldi ol walla…»

Sagat ikide ýa üçde jaýlanjak,
Barawergin!
Birigünem üçüdir…»
Günde bolmasa-da,
Günaşa şeýle,
Şu hasratym onbäş ýylyñ içidir!

Şum habary til edende ilkiler,
Dogrudan ol gynanýandyr öýderdim.
Toý hiç,
Ýasa barmak meniñem borjum,
Diýip, oña sag bolsunam aýdardym.

Bir gün däl, on gün däl,
Bir ýyl däl, indi
Şol tanşym til etse, tutulýar dilim.
Birjigem ol gynananok ölüme,

Ölüm bilen gorkuzýar, zalym!

Ýeri, şonsuzam-a gam-gussa ýetik,
Şonsuzam-a gyzygy az dünýäniñ.
Indi zeýrenmäýin,
Ýene şol zalym
Ir bilen til eder bilse ýanýanym…

Nury BAÝRAMOW. Goşgular